# Nika bozmak hakda arza / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nika bozmak hakda arza / hekaýa NIKA BOZMAK HAKDA ARZA




Hukukçy bolsaň asany müşgillän gapyňa maňlaý diräp galýar. Köne obalarda-da her kes biri-biriniň ýedi arkasyna belet.

Birew-birewdenem ýüz görülýär.
Işden gelse, töründe ýüz-keşbi çalarak tanyş ýeňňe otyr, ýanynda-da gyzy. Salam-helikden soň obadaş ýeňňe, gyzynyň gaýny-äri bilen oňuşman gaýdandygyny, indem olaryň aýrylyşmakçydygyny aýtdy. Maslahat soramaga gelendiginem bejit habar bermäge ýetişdi. Soňam: “Jigi, sen o maýmyndan azanlaň bolan boluşjygyna dogry düşüneriň ýaly, men saňa hemmeje zady başdan başlap, jikme-jik aýdyp beräýin-le!” diýdi.
Öňem muň ýaly “jikme-jik” gürrüňlerden gerk-gäbe bolansoň: “Ýo genje, maňa başdan-aýak gerekgä! Men eýýäm seň ýagdaýyňa düşünnim. Arza ýazyp bermeli bolsa, adwokata gidäýseň dogry bolmazmyka ýa?!” diýip ýetişmänkä-de, o ýeňňe gürrüňine başlady.
“Ilki hemme zat tükeniksiz Tümlükdi. Soň Allaň Eradasy bilen Arş birle Kürs ýaradyldy…”…
“Ýubudy-y-yý!!! Nuha ýetýänçäň millionlap ýyl ba:! Ondan bärdedäm-ä ýüzläp asyr ýatyr…” diýip, muňam bir ýüregi gysýa, bir ýüregi gysýa…
…Gara daň bilen çykyp gidişine giç agşam zordan tünegine özüni atýa.
Içi aç.
Beýnisi uzakly günüň resminama, goh-galmagalyndan ýaňa hüňläp dur.
Keýpi nol.
Argyn bihöweslik gulagyndan-burnundan döküljek-döküljekde…
Sagadam 21:00…
Haçan nahar iýmeli?
Haçan çagalar bilen ümmüldeşmeli?
Haçan ýatmaly?
Ertirem-ä ýene iş…
Gepini bölüp, bahymrak gürrüňiň “döwli” ýerine geçer ýaly etjek bolýaram welin, o ýeňňe per bererli däl.
Hatynlaň häsiýeti şeýle – olar üçin dünýäň gyzygy diňe özlerinde.
Gaty-gaýrymrak al-petinden alaýsa-da, ertir günortana ýetirmän adyny oba peçan eder…
Gürläp otyr, gürläp otyr…
Ahyry kyrkbäş minutdan soň ýeňňe, “ilik-düwmesini” tamam eýledi. Iň esasy haýyşam kazyýete nika bozmak we aliment almak hakda hak isleýiş arzasyny ýazdyrtmak ekeni.
“Töwella zordan ýaman”, ýazasyň gelmese-de, ýüz tutup

gelnensoň, elinden gelýänjesini gaýgyrmaga oň hijem bogny ysmaýar. Ýöne onda-da, her niçigem bolsa öz ynsabynyň öňünde özüni rahat duýmak üçin ol, hemişeki edişi ýaly o ýeňňä-de endiklije töwellasyna başlady:
-Gelneje, şüňe intäk gaty gyssanmalam dä keniňiz-laý! Ýaş oglanlardyr. Durmuşda her hili zat bolýa. Buwun söwüşip-wuruşsalar erte ýaraşar-da, biriger öteýderler. Honha, öz tejribämde sähel-mähel nemeden ýaly edip, soň allanäme bo:p ýörenleri känem gördüm-laý. Şo zerardan şumat şakyrra-mukurra süýt-sümzeleşip durman, biraççyk sabyr edip görämeli keniňiz-laý! Ine görersiň welin, erte-birigün: “şö-ýä şeý diýipdi weli, şoň sammyk kepiniňem palak dä: ýerem hakyýt ba: ken-ä!” diýdirip, üssüňize ýaraşmaga-da gerler-le. Hä gelneje? Ýöne sen, muny men iki barmak kagyžžygy ýazmany gyn görüp aýdýandyr öýtmegiň. Men muny gaty çynym bilen, biderek wirzady bahana edinip, seň çagaň gül ýalyjak gününi bulamagyny islemän diýýännirin. Hä genje?! Nädýäs, ýazmaşakdan oňýasmy?…
Diňle nirden?
Bi adamzat tohumynda aýala-erkege, ýaş-u-garra gep düşündiren özüň bolma!
Hasam diňe özüniňkini dogry hasaplaýan gaharjaň sortuna.
Aýdylanlara örç alyp, gaýta öňünde bu däl-de gudasy oturan dek hüžžerip gidip barýar.
-Hä-ä, şeý diýen bo:p! Duz ýalyjak gyýyzjagaşymy yzyna, şo ýykylmyş hütdügiňe getirä:jeksiň welin, içjagazyň ýanyp ölä:seňem seň diýeniň bommanjyklar geçä:r. Hä-ä! Meň üçin war-a, meň üçin, inni şu günden şuýana senemmir, hännekdäki itiň porsy maslygammyr…
“Ýamandan boýuňy satyn al” diýilmeýämi?
Megerem, şu parasatly nakylam atam döwürlerde gaty köp çarşenbäni başyndan geçiren, parasatly bir ýurist oýlap tapan bolmaly :-(…
-Bor gelneje, häzir ýazyp bereýin!
Ol, özüniň nirde oturandygyny huşundan uçuryp, eýýäm haçan hyýalyndaky 12D formatda, gudalary bilen gaýybana garpyşmaga başlan o ýeňňäni derrewjik başyndan sowmagyň ugruna çykdy.
Çagalarynyňam ulusynyň gözüni açyp göreni şupisint zatlar.
Bu diňleýdili-töwellaly hadysaň ahyrsoňy näme bilen tamamlanjakdygyna düşüş.
Kakasy häli işden gelen badyna kompy işledip goýan.
Şoň üçin ol stoluň başyna geçdi-de, ýeňňäň isleýän arzasyny

şakyr-şukurdanam çalt ýazyp berdi. Oňa soňky etmeli hereketlerinem bir demde düşündirip, sag-aman ýola saldy. Çykyp barýarka-da kazyýetiň hak isleýiş arzasyny önümçilige kabul eden halatynda-da, gyzynyň nikasyny ýüzüniň ugruna bozman, pikirlenmäge alty aý möhlet berjekdigini aýtdy.
Eýýäm köçä ýetip barýan ýeňňäň bu babatda gohuna kän pitiwa etmänem aýaguja, hajathana ýegdekläp ugrady. Sebäbi öýe dolansa: “O näili beýle bolýar-a, jigi?! Özleri: “aýrylyşşak” diýip ölüp ýatanlary aýryşdyrman, kimmiş olar?” diýip, ýene-de sesiniň “şaňňy” nurbadyny towlan ýeňňäň yzyna dolanaýar gorkusy az däl.
Gaýralygyna haýdap barşyna-da içinden öz-özüne käýinýär: “Kim diliňden çekd-aý, şumat war-a?! Gitsin-dä-how, Hudaý diýip…”…
***

Çagalygyň meşhur filminde: “Merlezon baleti! Ikinji akt!” diýilmeýämi?
Ýaňky ýeňňäň gelip-gidenden soň alty aý çemesi wagt geçdi.
Işden gelse, ýene töründe ýeňňe. Bu gezek ýeke özi. Ýüz-gözünde-de Sibiriň syrgyny harasat gopdurýar.
Salam-helige zordan tagapyl etdimi nämemi, ol aşak çöküp-çökmänkä, tulum deý çişip oturan ýeňňe gepe başlady:
-Jigi?! Bi biz-ä gyýn ahwalda sennen haraý hantama bo:p işigiňi açdyk. Senem “ýykylanym garadag, gara daga gar düşdi” eden ýaly, bizi nädäýipsiň-ä?
Öý eýesi aňk-taňk boldy.
Iňkise gitdi.
“Bih… Nämetdimkäm-aý? Ýa howlugan bolup, arzada oň gyzynyň çyn ady “Almagül” bolsa “Ommagül” diýip ýazaýdymmykam? Aý ýo-laý! Eger şoň ýaly bir zat bolsa-ha, alty aýlap eglenmän, kazyýete baran gününiň ertesi üstüme çöwjäp gelerdi…”.
-Nämedipdirin, gelneje?!
-“Nämedipdi:n” diýen bo:p! Asyl bileňogommy?!-diýip, ýeňňe “öwhüldedi”:-A gy:, o seň ýazypmeren ispisegňi süýde süýräp eltsek, ilk-ä düzüwli diňlemellirem öýtmän: “Baryň gaýdyň-da, ýene alty aýdan geliň!” diýip, al-petimizden alyp gowerdiler. Bizem gaýtdyk. Soňam: “Hudaýjana şükür, söwüşenlerine hepde dolmaňka gyýyzjagaşym äri bilen jyny jyňkyryşdy-da, allanäme

ýaşaşmaga başlawerdi!” diýip begenip ýö:s weli, düýn-öňňinlikde olaň öýüne güpbe süýde çakylykhat geläýipdir-ä! O taýyk barsalaram: “Aýrylyşşak diýýän arzaňyz ba:. Inniki hepde sizi aýryşdyrmaň işine seredilýä” diýip üslerine dyzap durmuşlar-a. Hä, jigi?!
Düşünmedi.
Bu öňünde gözüni çokjak ýaly bolup, ümzügini özüne atyp duran ýeňňäň näme isleýänine aň ýetirmek isläp, kellä zor salýar.
Bolanok.
-Düşmedim-laý, genje?!
Ýeňňe oň bu sowally seslenmesine hasam örç alyp galdy:
-Düşmersiň sen! Etjegiňi edip äpbereňsoň düşmänjik geçersiň-ä! Gör-ä muň mal gözüni mölterden bo:p, saman assyndan suw göwerensoň sygyrgöz bolan bo:p oturyşjygyny! Özünne dagy günä ba:dyram öýtmüýä…
Öý eýesiniň sabyr käsesi püre-pür boldy:
-Eý dogan, näm diýjek bolsaň-a düzüwje keple-de aýt! Bommasa-da meň ýadow janyma öýümde maňkamdan marožna ýasap berjek bolup oturma. Bolýamy?! Meň bärde seň bilen matal otaryşyp oturmaga üýşüp ýatan dynç kelläm ýok…
Öý eýesiniň gaharynyň geleni ýeňňäň piňine-de däl. Üýşenmekden geçen, gaýta, gyňajynyň guýrugyny ýeňsä oklap, ykjamlanyp, hasam petekesini çişirýär:
-Howwo, howwo, inni şeýt-de: “owurlyk eden utanmaz, üssüne gelen utanaram” et-de, özüňne ýazyk goýma! Bolýamy?!
-Aý ýeňňe, aýdaý-da-how näm edenem bolsam?! Men-ä-how saňa ýagşylykdan başga näme zyýan ýetirenimi sapsym tekiz bilemog-ow!
-Ýagşylyk bomy şonnanam?! O nä gy:, arada gelemizze saňa: “süýde ýeksurun körekeni az-owlak gorkuzar ýaly arza ýazyp ber” diýip ýalbarsak, sen o iki bedibagty aýryşdyryp äpberer ýaly ýazaýypsyň-a?!
Öý eýesi ýeňňäň özüne bildirýän nägileligi aňyna ýetensoň, oňa näme jogap berjegini bilmän agzyny öweltdi galaýdy.
-Hä-ä! Asyl edenje etmişiň bazladyp ýüzüňe basylsa, kepläre kep tapman agzyňy açar oturybiýrsiň!-diýip, ony gepde öçürenine köhi gelen ýeňňe göwnühoş hüňürdedi.

Hukukçy demsalym gözüni gyrp-gyrp edip oturdy-da, gürrüňdeşiniň ýüzüne şübheli äňetdi:
-Oýun edýäňm-aý, genje?!
-Oýun bomy, gy:?! Gül ýalyjak ýaşaşyp ýören çagajygyňy ärinden aýryp göwerjek bo:p durkalaram oýun ýadyňa düşermi?
-Genje, şo geleňde özüň diýdiň-ä: “Süýde aýryşdyrýan hemem element alyp berýänçi arzany ýazyp bersene, jigi!” diýip…
-Howwo diýdim,-diýip ýeňňe, jinnekçe tyýkyramady:-ýöne gy:, sen diplomy-siplomy dagam ba:, o “ýüriz” diýilýän janawer bolsaň, iliň-günüň şoň ýaly bir işi düşende özüňden bilmel-ä, şeýdip atdanlykda söwüşen kişi bolaýan, meýnisi bekemedik çagalara ilkiwir ýaraşmaga-barlyşmaga ýer goýmalydygyny! A sen bolsa alaga-da olaň: “nikasyny talaklaňda, goşlarynam talaňa salyp, paçak-paçak paýlaň” diýip ýazaýypsyň-a…
-A-how gelneje, “aýryşdyrylýan hilisini ýazyp ber” diýip dyzap dursaň, dagy nähili ýazmaly eken?!
-Sen jigi, “ýüriz” bolubam şony bilmeýän bolsaň, onno “ýüriz” bolup ili kösäp ýö:män, çöle çykyp mal bakamaly keniň-dä!-diýip ýeňňe, öý eýesini ýaňsylady:-Özüm-ä seň ýeriňe bolan bolsam, neme diýip ýazardym: “Süýt jan! Gara dogan! Gaýrat et-de, şu gelnejäň nebir gyýyzjagaşynyň bagtyna boran ýagdyrasy geliýipjik, içýagy üzülip barýan aýjyn gaýny bilen oň ejemogly sümüklisiniwir, dagy-duwara gelinlerine gyýa göz bilen garamaz ýaly, olaň depesiniň öli ganyny alyp bersene!”…
Öý eýesi aýdara söz tapmady. Aýasyny maňlaýyna şapylatdy-da, jyňkyny çykarman oturyberdi.
Ýeňňe bolsa birsalym ýeke özi hüňürdeý-hüňürdeý, ahyrynam ýoldaşynyň dadyna ýetişen öý bikesiniň höre-köşesine yrlyp, çykyp gitdi… Satiriki hekaýalar